# Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi.
# Ders: Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň nazaryýeti.
# I ýyl talyplaryň ähli hünärleri üçin.
# Mugallym: Kasymow Hojamyrat Hezretgulyýewiç.

## *1-nji tema: Hojalyk hasaby barada düşünje we onuň görnüşleri.*

***Umumy okuwyň mewilnamasy:***

1. **Hojalyk hasabynyň gelip çykyşy, görnüşleri we hojalyk hasabynda ulanylýan ölçegleri.**
2. **Buhgalterçilik hasaba alyşynyň wezipeleri.**
3. **Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri we maglumat ulanyjylar.**
4. **Buhgalter hasabynyň dolandyryş ulgamyndaky orny**

### *1.1. Hojalyk hasabynyň gelip çykyşy, görnüşleri we hojalyk hasabynda ulanylýan ölçegleri.*

Jemgyýetiň emele gelmegi bilen onda jemlenen tebigatyň, ylymyň, her bir aýratynlyklarynyň özboluşly taryhy bolşy ýaly buhgalter hasabynyň hem uly we örän gyzykly taryhy bar. Buhgalter hasabynyň taryhy özüniň gözbaşyny ilkidurmuş jemgiýetinden alyp gaýdýar. Hojalyk hasabynyň ilkinji yzlary Gündogarda Nil we Ýefrat derýalarynyň boýlaryndan tapylypdyr. Buhgalter hasabynyň taryhy Gadymy Müsüri, Gadymy Rimi, Gresiýany, Orta asyry we Gadymy Ýüpek ýoluny hem öz içine alyp, çuň ähmiýetli taryha eýedir. Buhgalter hasabynyň taryhyny, onuň başlangyç esaslary türkmeniň Beýik Ýüpek ýoly bilen hem aýrylmaz baglanşyklydyr.

Hojalyk hasaby haçan döräpdir diýen soraga takyk jogap bermek mümkün däldir, ýöne taryhy maglumatlara esaslanyp alty müň ýyl mundan öň hasabyň tejribesiniň emele gelendigini, hojalyk prossesiniň esasy guraly bolan hasapçylygyň ýüze çykandygyny, bäş ýüz ýyl mundan öň hasabyň predmetiniň edebi dilde düşündirilmeginiň peýda bolandygyny, ýüz ýyl mundan öň hasabyň özbaşdak ylym höküminde hereket edýändigini bilmek, düşünmek bilen buhgalteriýanyň nämedigine akyl ýetirse bolýar. Her bir jemgyýetçilik ösüşiniň esasynda maddy gymmatlygyň önümçiligi durýar. Adamzat durmuşynyň başynda öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin hökman maddy gymmatlyklary döretmeli bolupdyr. Bir jemgyýetçiligiň görnüşinden beýleki bir görnüşe geçilende adamzadyň aň-düsünjesi we maddy gymmatlyklara islegi ýokarlanypdyr. Şeýlelikde jemgyýetçilikde sarp ediş predmetleri bilen zähmet serişdeleri öndürilip başlanypdyr. Adamzat maddy gymmatlyklaryny öndürende onuň möçberini hilini ýokarlandyrmaga ymtylypdyr. Şeýlelikde jemgyýetiň ösmegi bilen maddy gymmatlyklaryň dürli-dürli görnüşleri oýlanyp, artykmaç möçberi öndürlip başlanypdyr. Ýatda saklap bolmajak ýagdaýlar emele gelipdir. Öndürilýän önümleriň gözegçiliginiň amala aşyrmak üçin olaryň mukadaryny ölçäp bellige almaly bolupdyr, artykmaçlaryny ýerleşdirip hilini ýokarlandyrmaly bolupdyr. Bu ýagdaýlaryň esasynda hojalyk hasabyna isleg döräpdir.

Jemgyýetiň her bir adamy özüni alyp barşyny, gündelik işini we ýaşaýşyny özüni gurşap alýan hakykatlara we wakalara laýyklaýar. Ol öz töwereginde bolup geçýän zatlary

näçe köp bilse, onuň hereketi, işi şonçada dogry we netijeli bolýar. Diýmek, adam öz töwereginde bolup geçýän wakalary we hakykatlary hasaba almalydyr, özüne maglumat hökmünde bellemelidir. Ine bu ýagdaý hasaba alyşyň düýp manysydyr.

Wakalar we hakykatlar baradaky maglumatlar alnanda adaty bolan soraglara jogap berilmegi zerurdyr. Ýagny, näme?, nirede? , haçan bolup geçdi? ýa-da nähili ýagdaýda dur? diýen soraglar bilen wakalary we hakykatlary jemgyýetiň durmuşynyň haýsy ugruna degişlidigini anyklamalydyr. Wakalar we hakykatlar jemgyýetde dürli taraplara degişli bolup durýar. Durmuş wakasy, syýasy waka, medeni wakalar, hojalyk wakalary we ş.m.

Hojalyk wakalary we hakykatlary hojalyk hasaba alyşy emele getirýär we olara mysal hökmünde aluw-satuw hereketlerini, önüm öndürmegi, zähmet haky tölemek, karz serişdeleri almak ýaly wakalary görkezmek bolar.

Hasaba almakda wakalaryň beýan edilişi köp sanly dürli sözler bilen taryp edilse-de, barybir wakalaryň hakyky möçberini has takyk almak we düşündirmek diňe sanlaryň kömegi bilen mümkindir.

Şeýlelik-de, hasaba alyş – bu jemgyýetiň durmuşyndaky wakalaryň we hakykatlaryň mukdarda görkezilmegidir. Hasaba alyş prosesi bir näçe iş etaplaryndan durýar: synlama(gözegçilik), ölçeme, bellikge alma, jemleme.

Synlama ýa-da gözegçilik – hasap prosesiniň başlangyjydyr. Hasaba alyjynyň waka gözegçilik etmegi, özüniň gatnaşmagy ýa-da dürli tehnologiýalaryň kömegi bilen wisual ýagdaýda görmegi.

Ölçemek – wakanyň dürli ölçeg birliklerinde takyk mukdarynyň hasaba alynmagy.

Bellige alma – wakanyň maglumatlaryny dürli zatlara (žurnala, diske, kompýutere we ş.m.) ýazga almak(registrasiýa etmek).

Jemleme – wakalar tamamlanandan soňra bellenen maglumatlary jemle, dürli görnüşlerde toparlara jemle.

***Hojalyk hasaby – jemgyýetçilikdäki we hojalykdaky bolup geçýän hadysalary mukdar taýdan bellige almaklyk hil taýdan baha berip gözegçilik etmekdir.***




1-nji çyzgy. Hojalyk hasabynyň görnüşleri

***Operatiw hasaby*** – hojalygy dolandyrmak üçin gündelik, sagatlaýyn ýa-da belli bir wagta görä gözegçilik etmek maksady bilen guralyp, ölçemek, çekmek, hasaplamak we ýerine ýetirilen işleri bellemek ýoly bilen amal edilýär. Ol aýry-aýry işler boýunça maglumatlary tiz we öz wagtynda bellemek, olary operatiw ýolbaşçylykda ulanyp hojalygyň her bir agzalary üçin görkezilen işleriň ýerine ýetirilişiniň barşyna täsir etmek maksady bilen düşündirilýär.Bu hasap kärhanada aýry-aýry önümçilik tehnologik hadysalary hakynda maglumatlary örän çalt ýygnap işiň çaltlygyny üpjün etmek bilen meşgullanýar. Ýene-de operatiw hasap hojalyk amallary barada maglumatlary (gündelik taýýar önümleri barada, zähmet haky boýunça çykdajylary nebiti,gazy daşary döwletlere eksport etmek we ş.m.) maglumatlary çalt ýygnamak üçin ulanylýar. Operatiw hasabyň maglumatlaryny käbir ýagdýlarda resmileşdirmegi kabul etmeýär, diňe habar bermek bilen

çäklenýär.Bu hasabyň maglumatlary degişli jogapkär işgärler tarapyndan şu aşakdaky usullar bilen ýolbaşçylara ýetirilýär.




2-nji çyzgy. Operatiw hasabynyň maglumatlary geçiriş usullary

Bu hasap iň bir ýönekeý hasap diýip agladylýar. Her bir edaranyň işini dolandyrmakda operatiw hasabyň orny ulydyr. Operatiw hasapda mukdar zähmet, pul ölçeglerniň hemmesi ulanylýar. Görnüşi ýaly bu hasaby ýörite käri ýöredýän adamlar ýok.

***Statistiki hasap*** – jemgyýetçilik durmuşynyň we halk hojalygynyň köpçülikleýin hadysalaryny we maliýe-hojalyk işleriniň jemlenmegi we beýan edilmegidir. Statistiki hasaba alyş edara-kärhanalar derejesinde başlanyp, bellenilen tertibdäki hasabatlaryň tabşyrylmagy netijesinde ýörite statistika guramalary tarapyndan ýurt boýunça ýa-da belli-belli ýerler (welaýatlar, şäherler, etraplar) boýunça jemlenilýär. Onuň aýry-aýry pudaklarynyň ösüşine häsiýetlendirme bermek üçin gerek bolan zerur maglumatlary almak we öwrenmek, şeýle hem netije çykaryp teklipleri işläp taýýarlamak maksatlary üçin ýöredilýär. Hasaba alyşyň bu görnüşiniň baş wezipesi halk hojalygynyň pudaklarynyň ösüşiniň we gatnaşygynyň olaryň ulanyşynyň dürli talaplaryny ylmy taýdan esaslandyran dogry we doly maglumatlary almak, şol maglumatlarda ykdysady we durmuş işleriniň ýerine ýetirilişini, halk hojalygynyň we medeniýetiniň ösüşini, hojalyklarda bar bolan ulanylmadyk mümkinçilikleriň ýagdaýyny seljermekde ulanylýar. Ýurduň ykdysady we durmuş ýagdaýyny öwrenmek we kadaly ösüşi meýilleşdirmek maksady bilen jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalary boýunça dürli maglumatlar ýörüte maglumat toplama usullarynyň (ilat ýazuwy, anketa, sorag geçirme) kömegi bilen köpçülikleýin ýagdaýda hem jemlenilýär.

Bu hasap hadysalary ösüş, mukdar we hil taýdan öwrenýär. Esasan hem belli bir geçen döwri öz içine alýar. Statistiki hasabyň ýerine ýetirilmegi üçin ýörite taýýarlanylan hünärmenler bolmalydyr. Bu hasabyň ýerine ýetirilmegi üçin aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Ortaça hasap çykarmak usuly.
2. Indeksleşdirmek usuly.
3. Dinamiki setirler usuly.

***Buhgalter hasaby*** – hojalyk amallary boýunça maglumatlarynyň pul möçberinde ýygnalýan, bellige alynýan we jemlenýän ulgamydyr. Ýagny, kärhananyň aktiwleri, borçnamalary, girdejileri, çykdajylary, maddy gymmatlyklary, pul serişdeleri we hasaplaşyklarynyň ýagdaýy baradaky maglumatlarynyň resminamalaşdyrylyp görkezilmegidir. Buhgalterçilik hasaby tutuşlaýyn we wagty boýunça üznüksiz bolup, ähli hojalyk işlerini öz içine alýar. Buhgalterçilik hasabyň esasy ölçegi pul ölçegidir, ýagny onuň kömegi bilen hasabyň ähli obýektleri boýunça jemleýji maglumatlar alynýar. Hojalyk hasabyny dolandyrmak üçin iň esasy hasap bolup her bir edara, kärhanada ýola goýulandyr. Bu hasap tutuşlaýyn häsiýete eýe bolup edara kärhananyň içinde (ähli bölümlerinde, sehlerde, skladlarda, şahamçalarda) bolup geçýän amallaryň baryny hsaba alýar. Ilkinji gezek buhgaltar hasaby 1494-nji ýylda italýan monahy Luko Paçolly tarapyndan

esaslandyrylýar. Buhgalter hasaby "buhy"-kitap "alter"-bellemek, aňlamak sözlerinden geliýp çykyp, kitapda ýazgy etmek diýmegi aňladýar. Buhgalter hasabyny ýöretmek üçin her bir edara kärhanada ýörite buhgalteriýa bölümleri döredilýär. Buhgalteriň zähmeti beýleki işgärleriňki ýaly belli bir obýekte ýa-da predmete gönükdirilendir. Ol olary hasaplamaga we oňa degişli görkezjileri bellemäge degişlidir. Buhgalter hasaby:

1. Wagty boýunça üznüksizdir. Kärhana açylandan ýapylýança onda bolup geçýän hojalyk hadysalarynyň ählisi hasaba alynýar.
2. Hojalykda amala aşyrylýan ähli amallar hökmany suratda resmileşdirilýär.

Buhgalter hasaby edara kärhanada diňe bir gündelik hasaby ýöretmän, ol kärhananyň içerki we daşarky maglumat ulanyjylara aýdyň çeşme bolup hyzmat edýär. Sebäbi buhgalteriýada aňladylýan amallar hökman dogry, doly, arassa, üznüksiz bolup, ähli edilýän işler boýunça güwä geçiji häsiýete eýe bolýar. Buhgalteriýada aşakdaky wezipeler tapawutlanýar.

Kärhanada maddy gymmatlyklar we edilýän işler köp dürlüdir. Şol ýerine ýetirlen işleri hasaba almaklyk ilki bilen olary ölçemeklikden başlanýar. Ölçemeklik hadysalaryny ýerine ýetirmek üçin şu aşadaky ölçeglerden peýdalanýar.

Hasabyny ýöretmek üçin her bir hojalyk amalyny ölçemek zerurdyr. Hojalyk amallarynyň dürli-dürli bolmagy sebäpli hasap dürli ölçegleri ulanmaklygy talap edýär. Hasaba alyş işiniň tejribesinde esasy 3 görnüşli ölçeg ulanylýar: natural(zat görnüşli) ölçegler, zähmet ölçegi we pul ölçegi.




3-nji çyzgy. Hasabyň ölçeg ululyklary

**Natural ölçegler** - uzynlygyň ölçegi, agramyň ölçegi we göwrimiň ölçegi girýär. Her bir hasaba alyş obýekti üçin ol ýa-da beýleki ölçegler ulanylýar. Natural ölçegler hasapba alyşda birmeňzeş obýektleri aňlatmak üçin ulanylýar we olar: san, gramm, kilogramm, sentner, tonna, santimetr, metr, m2, m3, ga, litr we ş.m. Natural hasap aýratyn görnüşli materiallaryň hereketine, material serişdeleriň ulanylyşyna, önüm çykarylyşynyň görnüşlerine gözegçilik etmek üçin amala aşyrylýar.

**Zähmet ölçegi** - zähmet harajatlarynyň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenip, iş wagtynyň harajatlarynyň mukdaryny gün, sagat, minut ölçeginde aňladýar. Onuň kömegi bilen zähmet öndürijiligi barada maglumatlar alynýar, iş haky kesgitlenýär, işgäriň ýerine ýetirmeli işleri kadalaşdyrylýar we olar: bir iş gününde, sagatda, minutda, aýda we ş.m.

**Pul ölçegi** - hojalyk serişdeleriniň gymmat görünişinde aňladylmagyny görkezýär. Ol natural we zähmet ölçegleri bilen baglanyşykly ulanylyp jemleýji ölçeg bolup hyzmat edýar. Bu ölçegiň halk hojalygynda ulanylmagy, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň barlygy bilen bagly bolup, haryt önümçiliginiň barlygyny şertlendirýän aýlanyşyň we gymmat kanunynyň täsirinde ýüze çykýan hojalyk işleriniň wajyp görkezijilerini aňlatmakdan ybaratdyr. *Hojalyk hadysalarynyň, olaryň ahyrky netijeleriniň gymmat görnüşinde beýan edilmegi buhgalterçilik hasabyň düýp özenidir.* Pul ölçeginiň kömegi bilen dürli görnüşli hojalyk

serişdeleriniň we hojalyk hadysalarynyň jemleýji maglumatlary alynýar. Meselem, kärhanada bar bolan dürli görnüşli materiallaryň umumy möçberi ýä-da öndürilýän önümleriň harajatlarynyň umumy möçberi barada jemleýji maglumat pul ölçeginde aňladylýar. Pul ölçegi kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaşyk we karz aragatnaşyklaryny beýan edýän serişdesi hökmünde hyzmat edýär. Pul ölçegi hojalygyň önümçilik işiniň iň wajyp mukdar we hil görkezijilerini kesgitlemek üçin zerurdyr.

## 1.2.Buhgalterçilik hasaba alyşynyň wezipeleri

**1.Maglumatlar wezipesi** – her bir edara kärhana buhgalterçilik hasaba alyşy toplanýan maglumatlar esynda amala aşyrylýar. BHA-nyň guralyşynda doly we ygtybarly maglumatlaryň toplanylmagy zerurdyr. Ýygnalýan maglumatlar edara-kärhanalarda operatiw ýolbaşçylyk etmek we dolandyrmak üçin zerur bolan, şeýle hem inwestorlar, postawka edijiler, alyjylar, kreditorlar, salgyt, maliýe, bank, statistika organlary we beýleki gyzyklanýan guramalar hem-de adamlar tarapyndan peýdalanylýar. Maglumatlar wezipesi gysgaça aýdylanda hojalyk prosesleri we kärhanalaryň, edaralaryň iş netijeleri hakynda doly hem-de dogruçyl informasiýalary düzmekden ybarat. Maglumatlar wezipesi tutuşlaýyn BHA-nyň netijesinde düzülip tabşyrylýan maliýe hasabatlaryny hem öz içine alýar.

**2. Gözegçilik we barlama wezipesi** – BHA üçin ýygnalan maglumatlar buhgalterler tarapyndan gözegçilik edilýär, gelýän maglumatlar dogrulygy we dolulygy taýdan, ýurduň içinde hereket edýän kanunlara we düngünnamalara laýyklygy barlanylýar. Ýalňyşlyklar ýüze çykarylan ýagdaýynda olaryň düzedilmegi talap edilýär. Gysgaça aýdylanda gözegçilik we barlama wezipesiniň netijesinde edara kärhanalaryň maliýe – hojalyk işindäki ýalňyşlyklaryň, näsazlyklaryň öz wagtynda öňi alynýar we düzetdirilýär.

Gözegçilik we barlama giň manyda şu aşakdaky wezipeleri öz içine alýar:

a) resminamalary doldurylyşy we ondaky maglumatlaryň arifmetiki tarapdan dogrulygy;

b) satyn alynýan we ýerlenilýän harytlaryň we işleriň, hyzmatlaryň bahalarynyň dogrulygy, ýa-da ortaça bazar bahalaryna gabat gelmegi;

ç) hakykatda bar bolan esasy serişdeleri, haryt-maddy gymmatlyklaryny we pul serişdelerini, şeýle hem iş ýüzünde tamamlanylmadyk önümçilikleriň möçberlerini ýüze çykarmak;

d) hakykatda barlaryny buhgalterlik hasaba alnyşyň maglumatlary bilen deňeşdirip görmek arkaly maddy gymmatlyklaryň hem-de pul serişdeleriniň abat saklanylmagyna gözegçilik etmek;

e) ilki başdaky hil sypatlaryny kem-käsleýin ýitiren, görnüşleri we nusgalary könelişen haryt-maddy gymmatlyklary ýüze çykarmak;

ä) soňra ýerlemek maksady bilen, bellenilen ölçegden artyk bolan we peýdalanylmaýan maddy gymmatlyklary ýüze çykarmak;

f) maddy gymmatlyklary we pul serişdelerini saklamagyň kadalarynyň hem-de şertleriniň, şeýle hem maşynlary, enjamlary we beýleki esasy serişdeleri saklamagyň hem-de ulanmagyň kadalarynyň berjaý edilişini barlamak;

g) hasapda nazara alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasynyň, pulhanalardaky, bank edaralarynyň hasaplaşyk we beýleki hasaplaryndaky pul serişdeleriniň möçberleriniň, gelip gowuşmadyk ýoldaky pul serişdeleriniň, bergidarlyk we algydarlyk bergileriniň, tamamlanmadyk önümçilikleriň, geljekki döwürler üçin çykdajylaryň, öňde boljak çykdajylaryň ätiýaçdaky gorlarynyň hem-de tölegleriň we balansyň beýleki maddalarynyň hakykydygyny barlamak.

**3. Emlägi gorap saklamak wezipesi** - emlägiň tükelligine we hereketine, material, zähmet hem-de maliýe resurslarynyň tassyklanan normalara, normatiwlere we smetalara laýyklykda peýdalanylyşyna kontrollygy üpjün etmekden ybaratdyr. Buhgalterçilik hasaba alynyşa degişli düzgünnamalaryň talaplary emlägi goramaga we tebigy bolmadyk zyýanlaryň we ogurlyklaryň döremek şertleriniň öňüni almaga niýetlenen bolmalydyr. Şeýle-de, emlägi gorap saklamak wezipesiniň ýerine ýetirilmegi aşakdaky şertlere baglydyr:

- Ýörüte tehnikalar we enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ammar ýerleriniň bolmagy;
- Maglumatlary ýygnamak, olary işlemek we maglumatlary tabşyrmak üçin ýörüte hasaplaýyş tehnikalaryň ulanylmagy;
- Kemçilikleriň we ogurlanmalaryň önüni almak üçin ýörüte şertleriň we kämil ulgamlaryň ulanylmagy.

## 1.3.Buhgalter hasabynyň ýörelgeleri we maglumat ulanyjylar.

Buhgalter hasabynyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

1. Kärhananyň işleri bilen baglanyşykly ***doly we ygtybarly maglumatlary*** jemlemek;
2. Kärhananyň amala aşyrýan hojalyk amallarynyň ***hereket edýän kanunçylyk namalaryna laýyk*** gelýändigine gözegçilik etmek üçin maglumatlar bilen üpjün etmek;
3. Emläkleriň we borçnamalaryň ýagdaýyna we hereketine, şeýle hem maddy, zähmet we maliýe ***rusurslarynyň netijeli ulanylyşyna*** gözegçilik etmek;
4. Kärhananyň maliýe-hojalyk işleri bilen baglanyşykly ***oňyn däl ýagdaýlaryň öňüni almak*** we maliýe durnuklylygyny üpjün etmek üçin ***içerki ätiýaçlyklary ýüze çykarmak***.
5. Hasaplama ýörelgesi;
6. Işjeňligiň üznüksizlik ýörelgesi;
7. Seresaplylyk ýörelgesi;
8. Mazmunynyň görnüşinden ileri tutmak ýörelgesi;
9. Emläkleri, borçnamalary, hojalyk amallaryny ***goşalaýyn ýazgy*** etmek usuly bilen hasaba almak ýörelgesi;
10. Hojalyk amallaryny ilkinji hasaba alyş resminamalarynda we ***hasap registrlerinde ýazgy*** etmek ýörelgesi;
11. Emläkleri, borçnamalary we hojalyk amallaryny buhgalter hasabynda beýan etmek üçin hereket edýän kanunlara laýyklykda bellenilen tertipde ***pul görnüşinde (manatda) bahalandyrmak*** ýörelgesi;
12. Hasabat döwürde bolup geçen ähli hojalyk amallaryny buhgalter hasabynda beýan edilmeginiň ***dolulyk*** ýörelgesi;
13. Emlägi, maliýe borçnamalary ***tükellemegiň*** we onuň netijelerini buhgalter hasabynda beýan etmegiň hökmanylygy ýörelgesi;
14. Degişli girdejileriň we çykdajylaryň ***şol bir hasabat döwürlerine degişli edilmegi*** ýörelgesi;
15. Jikme-jik we jemlenen hasabyň maglumatlarynyň deň bolmagy ýörelgesi.

Bazar ykdysadyýet şertlerinde hojalyk amallaryna degişli maglumatlaryň ähmiýeti has ýokarydyr. Şonuň üçin, *hojalyk amallaryny hasaba almak üçin şu talaplar bildirilýär:*

1. *obýektiwlilik we dogrulylyk*
2. *dolylyk*
3. *ýönekeýlik*
4. *öz wagtlylyk*

5. *tygşytlylyk*

Hojalyk hasabyň maglumatlary dogry, hakyky we doly bolmalydyr. Diňe dogry we hakyky toplanan maglumatlaryň esasynda kärhananyň dolandyryş gullugy hojalygyň önümçilik we maliýe işine dogry baha berip, üstünlikleri berkidip kemçilikleri bolsa öz wagtynda düzetmäge mümkinçilik alýar. Hojalyk hasabyň maglumatlary ýönekeý we düşünikli bolmalydyr. Ol maglumatlar hojalygyň ýolbaşçylaryna, hünärmenlerine ýa-da hasap gullugyna düşünikli bolman, köpçülige hem düşünikli bolmalydyr. Hasap maglumatlary üznüksiz önümçiligiň talaplaryna laýyklykda öz wagtynda toplanmalydyr. Bu meselede yza galaklyga ýol berilmeli däldir, şonuň bilen birlikde ýöredilýän hasap tygşytly bolmalydyr. Hasap ýöretmek bilen bagly çykdajylar elmydama hasap gullugynyň gözegçiliginde bolmalydyr.

**Hojalyk amallary** – munuň özi kärhananyň serişdeleriniň (emläkleriniň) we borçnamalarynyň üýtgemegine getirýän hadysalardyr. Islendik hojalyk amalynyň aşakdaky alamatlary bardyr:

- ✓ takyk başlaýan we gutarýan wagty;
- ✓ bolup geçen ýeri;
- ✓ pul ölçegindäki gymmaty;
- ✓ jogapkärler;
- ✓ beýlekiler.

Dolandyryş maksatlary üçin BHA-ň maglumatlarynyň möhüm ähmiýeti bar.

BHA kärhananyň işleriniň netijeleri, maliýe ýagdaýy we maliýe ýagdaýynyň üýtgemeleri barasynda ulanyjylaryň dürli toparlaryny maglumatlar bilen üpjün edýär. Şeýle maglumatlar maliýe hasabatynda jemlenilýär.

**Maglumat ulanyjylar:**

| Daşarky | Içerki |
|---|---|
| Maýadarlar | Esaslandyryjylar |
| Üpjün edijiler | Dolandyryjylar |
| Satyn alyjylar | Işgärler |
| Döwlet dolandyryş edaralary | |
| Jemgyýetçilik köpçüligi | |

## 1.4.Buhgalter hasabynyň dolandyryş ulgamyndaky orny

Buhgalterçilik hasaba alyş taryhy boýunça gadymy eýýamlardan gelýär. Biziň eramyzdan öň 3600 ýylda Şumerler döwründe daşlaryň ýüzünde söwda gatnaşyklarynyň bellik edilendigi mälimdir. Ýöne, dünýä edabiýatynda buhgalterçilik hasaba alyşy Italiýanyň Galkynyş eýýamyndan başlanýandygy aýdyň bellenilýär. Buhgalter hasaby boýunça ilkinji okuw kitaby “Hasaplamalar we ýazgylar baradaky traktat” belli matematik Luka Paçoli tarapyndan 1494-nji ýylyň 10-njy noýabrynda çap edilipdir. Dürli döwürlerde

jemgyýetçilik gurluşynyň we eýeçiligiň üýtgäp gelmegi netijesinde buhgalterçilik hasaba alyşyň düzgünleri üýtgedilip gelindi. Ýöne, buňa garamazdan buhgalterçilik hasaba alyşyň dolandyryş ulgamyndaky roly öz möhüm ýerini gorap geldi. Buhgalterçilik hasaba alyşyň esasy roly dolandyrylýan obýekt boýunça ýa-da tutuş edara, toplum boýunça gymmat ölçegindäki ulgamlaýyn maglumat binýadyny döretmekdir. Gymmat ölçegindäki maglumatlar hem içerki ulanyjylar hem-de daşarky ulanyjylar üçin derwaýysdyr. Mysal üçin, bir edara barada maglumatlar şol edaranyň ýolbaşçysy üçin möhüm bolşy ýaly, ol edara bilen iş salyşjak bolýan beýleki edaralar üçin, inwestorlar üçin, karz beriji bank edaralary üçin hem möhümdir.

Buhgalter hasaby, dolandyryş ulgamynyň düzüm bölegi bolup, birnäçe barlag-gözegçilik wezipesini hem gös-göni hasaba alyş prosesinde amala aşyrýar ýa-da soňraky gözegçilik üçin hakyky maglumatlary berýär. Buhgalterçilikde hereket edýän düzgünler we kadalaşdyryjy hukuknamalar hojalyk amallarynyň talaba laýyk bolmagyna we kanuna laýyk resmileşdirilmäge mejbur edýär, galyplyklaryň we ösdürip ýazmalaryň öňüni alýar.Buhgalter hasabyny ýöretmekde ýörite talaplar goýulandyr. Bu talaplar ilkinji nobatda buhgalter hasabyny ýöredýän hünärmenlere degişlidir. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Meýilnamada aňladylýan ýerine ýetirilmeli işleriň görkezjileri hakyky ýerine ýetiriljek işleriň görkezjilerniň mümkinçiligine gabat gelmegi hökmanydyr.
2. Hasap dogry we takyk doly ýerine ýetirmelidir.
3. Hasap öz wagytynda amala aşyrylmalydyr.
4. Hasabyň ýönekeýligi we amatlylygy göz öňünde tutmalydyr.
5. Hasap yzgider we üznüksiz bolmalydyr.
6. Kärhananyň emlägi, borçlary, bergileri diňe milli walýutada ýöredilmelidir.
7. Kärhananyň özine degişli bolan emläkleri buhgalter hasabynda aňladylmalydyr. Eger-de özüňe degişli bolmadyk emlägi bar bolsa aýratyn hasapda ýöredilmelidir.